Türkmenistanyň Medeniýet
ministrliginiň
«04» 02 2026ý. seneli
16-ö belgili buýrugyna goşundy

**Ýörite sazçylyk we sungat ugurly okuw mekdepleriniň uçurymlarynyň arasynda «Ýaşlyk joşguny» atly bäsleşiginiň**

# DÜZGÜNNAMASY

## 1. Bäsleşigiň maksady.

Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe Hormatly Prezidentimiziň ýolbaşçylygynda milli medeniýetimizi we sungatymyzy ösdürmek, sungat ulgamynyň hünärmenlerini döredijilikli işlemäge ruhlandyrmak ugrunda tutumly işler alnyp barylýar. Ýurdumyzyň sazçylyk we sungat ugurly okuw mekdeplerini tamamlan we 2026-njy ýylda tamamlaýan uçurymlaryň arasynda geçiriljek bu bäsleşik ýurdumyzda saz sungatyna höwesli zehinli ýaşlary ýüze çykarmak, olary saz sungatynyň dürli ugurlary boýunça döredijilige höweslendirmek hem-de zehinli sazandalaryň professional derejesini ýokarlandyrmak maksady bilen geçirilýär.

## 2. Bäsleşigiň geçiş tertibi we şertleri.

1. Bäsleşik 2026-njy ýylyň 23-25-nji apreli aralygynda Maýa Kulyýewa adyndaky Türkmen milli konserwatoriýasynda (mundan beýläk - Konserwatoriýa) geçiriler.
2. Bäsleşige ýurdumyzyň ýörite sazçylyk we sungat orta hünär okuw mekdeplerini, Maýa Kulyýewa adyndaky Türkmen milli konserwatoriýasynyň ýanyndaky ýörite sazçylyk mekdep-internatyny tamamlan we 2026-njy ýylda tamamlaýan uçurymlar hem-de Kompozisiýa hünäri boýunça gatnaşyjylar okaýan synpyna we okuw ýylyna garamazdan gatnaşyp bilerler.
3. Bäsleşigiň eminler topary Konserwatoriýanyň professor-mugallymlaryndan ybarat bolup, olar her ugur boýunça aýratynlykda düzüler.
4. Bäsleşik aşakdaky ugurlar boýunça geçiriler:

**1. Türkmen milli saz gurallary:**

*Dutar, gyjak, gargy tüýdük.*

**2. Halk saz gurallary:**

*Baýan, akkordeon, plektrli dutar, ud, kanun, çeň, baglama, bas dutar.*

**3. Kirişli saz gurallary:**

*Skripka, alt, wiolonçel, kontrabas.*

**4. Üflenip we kakylyp çalynýan saz gurallary:**

*Fleýta, goboý, klarnet, fagot, truba, waltorna, trombon, tuba, ksilofon.*

**5. Ýekelikde aýdym aýtmak.**

**6. Hor dirižýorlygy.**

**7. Bagşy.**

**8. Fortepiano.**

**9. Sazşynaslyk.**

**10. Kompozisiýa.**

Bäsleşigiň açylyş dabarasy we bije çekmek 2026-njy ýylyň 23-nji aprelinde sagat 08.30-da Konserwatoriýanyň mejlisler zalynda geçiriler.

Bäsleşik iki tapgyrdan ybarat bolup, onuň I tapgyry 2026-njy ýylyň 23-nji aprelinde geçirilip, diňlenişigiň netijesi şol gün yglan ediler. Bäsleşigiň II tapgyry 25-nji aprelde geçiriler. Bäsleşikde çykyş etmek tertibi bije esasynda kesgitleniler. I tapgyrda ýerine ýetirilen eserler II tapgyrda gaýtalanmaly däldir.

Bäsleşige gatnaşyjylar konsertmeýster bilen üpjün edilmeýär.

Bäsleşige gatnaşyjynyň arzasy we beýleki resminamalary 2026-nji ýylyň 15-nji apreline çenli Maýa Kulyýewa adyndaky Türkmen milli konserwatoriýasynda kabul edilýär.

**Bäsleşige gatnaşyjylaryň tabşyrmaly resminamalary:**

- Okuw mekdebiniň, edaranyň ýolbaşçysynyň ýollama haty.
- Arza (düzgünnama goşulan nusga boýunça);
- Ýörite sazçylyk ýa-da sungat mekdebini, Maýa Kulyýewa adyndaky Türkmen milli konserwatoriýasynyň ýanyndaky ýörite sazçylyk mekdep-internatyny tamamlandygyny tassyklaýan resminamanyň nusgasy (ozal tamamlanlar üçin);
- Pasportynyň nusgasy.

## 3. Bäsleşigiň ýeňijileriniň sylaglanyşy.

Bäsleşigiň ýeňijilerini sylaglamak dabarasy we jemleýji konsert 2026-njy ýylyň 25-nji aprelinde Maýa Kulyýewa adyndaky Türkmen milli konserwatoriýasynda geçiriler.

Bäsleşigiň eminler topary tarapyndan her ugur boýunça I, II we III orunlar kesgitlener.

Eminleriň teklibine görä orunlaryň sany üýtgedilip bilner. Şeýle-de, bäsleşigiň her ugry boýunça tapawutlanan gatnaşyjylar hormat haty bilen sylaglanar.

Eminler topary mynasyp hasap etmedik ýagdaýynda ýerler berilmän hem bilner. Eminleriň çykaran netijeleri gutarnykly bolup, gaýtadan seredilmeýär.

## 4. Bäsleşigiň ugurlary boýunça talaplar.

<table>
<tr><th colspan="3">TÜRKMEN MILLI SAZ GURALLARY</th></tr>
<tr><td rowspan="2">Dutar, gyjak</td><td>I tapgyr</td><td>1. Türkmen halk sazy<br>2. Akkompanementli bir eser.</td></tr>
<tr><td>II tapgyr</td><td>1. Daşary ýurt kompozitoryň akkompanementli bir eseri.<br>2. Uly göwrümli türkmen halk sazy.</td></tr>
<tr><td rowspan="2">Gargy tüýdük</td><td>I tapgyr</td><td>1. Iki sany türkmen halk sazy.</td></tr>
<tr><td>II tapgyr</td><td>2. Uly göwrümli iki sany türkmen halk sazy.</td></tr>
<tr><th colspan="3">HALK SAZ GURALLARY</th></tr>
<tr><td rowspan="2">Plektrli dutar, ud, kanun, çeň, baglama, bas dutar</td><td>I tapgyr</td><td>1. Türkmen kompozitorynyň eseri (akkompanementli).<br>2. Daşary ýurt kompozitorynyň eseri (akkompanementli).</td></tr>
<tr><td>II tapgyr</td><td>1. Wirtuoz häsiýetli eser.<br>2. Uly göwrümli eser (I ýa-da II, III bölümler).</td></tr>
<tr><td rowspan="2">Baýan, akkordeon</td><td>I tapgyr</td><td>1. Türkmen kompozitorynyň eseri.<br>2. Wirtuoz häsiýetli eser. (akkompanementli hem bolup biler)</td></tr>
<tr><td>II tapgyr</td><td>1. Polifoniki eser (prelýudiýa we fuga).<br>2. Uly göwrümli eser (I ýa-da II, III bölümler).</td></tr>
<tr><th colspan="3">KIRIŞLI SAZ GURALLARY</th></tr>
<tr><td rowspan="2">Skripka, alt, wiolonçel, kontrabas</td><td>I tapgyr</td><td>1. Wirtuoz häsiýetli eser.<br>2. Kantilena häsiýetli eser.</td></tr>
<tr><td>II tapgyr</td><td>1. Polifoniýa. I.S.Bahyň sonatalaryndan ýa-da partitalaryndan (alt, wiolonçel, kontrabas saz gurallary üçin I.S.Bahyň sýuitalaryndan) I ýa-da II bölüm.<br>2. Türkmen kompozitoryň eseri.<br>3. Uly göwrümli eser (I ýa-da II, III bölümler).</td></tr>
<tr><th colspan="3">ÜFLENIP WE KAKYLYP ÇALYNÝAN SAZ GURALLARY</th></tr>
<tr><td rowspan="2">Fleýta, goboý, klarnet, fagot, truba, waltorna, trombon, tuba, ksilofon</td><td>I tapgyr</td><td>1. Iki sany dürli häsiýetli eser</td></tr>
<tr><td>II tapgyr</td><td>1. Türkmen kompozitoryň eseri.<br>2. Wirtuoz häsiýetli pýesa.<br>3. Uly göwrümli eser</td></tr>
</table>

| ÝEKELIKDE AÝDYM AÝTMAK | |
|---|---|
| **I tapgyr** | 1. Türkmen kompozitorlarynyň bir ariýasy.<br>2. N.Halmämmedowyň bir romansy. |
| **II tapgyr** | 1. Täzeden işlenen türkmen halk aýdymy.<br>2. XVII-XVIII asyr kompozitoryň bir ariýasy.<br>3. Daşary ýurt kompozitoryň bir ariýasy. |
| **HOR DIRIŽÝORLYGY** | |
| **I tapgyr** | 1. P.I.Çaýkowskiý "Соловушко" (hökmany dirižýorlyk etmeli eser).<br>2. Uly göwrümli eser (akkompanementli).<br>3. Kollokwium; dirižýorlyk edilen eserleriň kompozitorlary barada gürrüň bermeli, P.I.Çaýkowskiýniň "Соловушко" eseri barada annotasiýa taýýarlamaly we eseriň hor seslerini aýratynlykda (dikligine we keseligine) aýtmaly. |
| **II tapgyr** | 1. Uly göwrümli eser (akkompanementli).<br>2. Akapella eseri. |
| **BAGŞY** | |
| **I tapgyr** | 1. Mukamçy kompozitoryň eseri.<br>2. Iki sany türkmen halk aýdymy |
| **II tapgyr** | 1. Mukamçy kompozitoryň eseri.<br>2. Iki sany türkmen halk aýdymy |
| **FORTEPIANO** | |
| **I tapgyr** | 1. Sonata. I ýa-da II, III, (IV) bölümler. (Ý.Gaýdn, W.A.Mosart, L.W.Bethowen).<br>2. I.S.Bah. "Gowy temperirlenen klawir" (XTK) I, II, tomlaryndan 1 sany prelýudiýa we fuga.<br>3. Wirtuoz häsiýetli bir etýud. (F.Şopen, F.List, K.Debýussi, S.Rahmaninow, A.Skrýabin we ş.m). |
| **II tapgyr** | 1. XIX-XX asyr daşary ýurt kompozitorlaryň uly göwrümli wirtuoz häsiýetli eseri ýa-da sonatanyň bir bölümi (bir bölümli sonata hem bolup biler)<br>2. Türkmen kompozitorynyň bir eseri. |
| **SAZŞYNASLYK** | |
| **I tapgyr** | 1. Türkmen halk saz döredijiligine ýa-da türkmen kompozitorlarynyň döredijiligine degişli tema boýunça prezentasiýaly çykyş etmeli (çykyşyň dowamlylygy 10 min. çenli bolmaly). Çykyşda bäsleşige gatnaşyjynyň sözleýiş medeniýeti we tema degişli goşmaça berlen soraglara jogap berşine hem baha beriler). |

| | |
|---|---|
| **II tapgyr** | 1. 1 sesli ýa-da 2 sesli diktant ýazmak.<br>2. Solfejirlemek: nota boýunça ýüzugra okamak.<br>3. Garmoniýadan mesele işlemek.<br>4. I derejeli garyndaşlykda period formasyndaky modulýasiýany ýerine ýetirmek.<br>Bellik: Emin agzalarynyň çözgüdi boýunça bäsleşigiň iki tapgyrynda gazanylan netijeler seljerilenden soň ýeňijiler yglan ediler. |
| **KOMPOZISIÝA** | |
| **I tapgyr** | 1. Kiçi göwrümli 2 sany eser (pýesa, aýdym). |
| **II tapgyr** | 1. Dürli žanrlarda 2 eser. (kamera-instrumental, wokal we beýleki žanrlar).<br>Bellik: Gatnaşyjylar bäsleşige hödürlenilýän eserleriniň her biriniň notalaryny 3 nusgada eminler toparyna gowşurmaly. Bäsleşige hödürlenilýän eserler janly ýa-da ýazgy edilen (audio, wideo) görnüşde diňledilip bilner. |

**Guramaçylyk toparynyň salgysy:**

Aşgabat şäheri, 1984-nji (Puşkin) köçe, 22-nji jaý.

**Habarlaşmak üçin telefonlar:**

92-36-11, +99365657553.

**Elektron salgysy:**

tnconservatory@gmail.com

**«Parahatçylygy wasp edýän ýaşlaryň joşguny» atly bäsleşigine gatnaşmak üçin**

# ARZA

1. Familiýasy, ady, atasynyň ady:

______________________________________________

2. Doglan senesi (güni, aýy, ýyly):

______________________________________________

3. Bäsleşikde gatnaşýan ugry:

______________________________________________

4. Okaýan ýa-da işleýän ýeri, tamamlan sazçylyk ýa-da sungat mekdebi:

______________________________________________

______________________________________________

5. Ozal bäsleşiklere gatnaşan bolsa gazanan üstünlikleri:

______________________________________________

______________________________________________

6. Ýaşaýan ýeriniň salgysy we telefon belgisi:

______________________________________________

7. Hünär mugallymy:

______________________________________________

## BÄSLEŞIGE HÖDÜRLEÝÄN ESERLERINIŇ MAKSATNAMASY:

### I tapgyr üçin.

| **t/b** | **Eseriň awtory** (doly ýazmaly) | **Eseriň ady** (doly ýazmaly) | **Konsertmeýsteriň ady, familiýasy** (doly ýazmaly) |
|---|---|---|---|
| 1. | | | |
| 2. | | | |
| 3. | | | |

### II tapgyr üçin.

| **t/b** | **Eseriň awtory** (doly ýazmaly) | **Eseriň ady** (doly ýazmaly) | **Konsertmeýsteriň ady, familiýasy** (doly ýazmaly) |
|---|---|---|---|
| 1. | | | |
| 2. | | | |
| 3. | | | |
| 4. | | | |
| 5. | | | |

Sene: ______________________ Goly:_________________